# Giç indi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Giç indi GIÇ INDI

Bes indi,
Ýalbarýan, janym, bes indi,
Düşündim baryna,
Nokat goý söze.
Öňem bu hakykat – otly kesindi
Az tagma basmandy ýüreklermize.
Ýatlamadan hiç bir göwün gönenmez,
Senem öçen ody ölçerme beýdip.
Barybir, o günler dolanyp gelmez,
Gelmez geçen günler yzyna gaýdyp.

Ol ädimem…
Wah, şol ädim gurasyn,
Ondan ýaňa almytymy aldym men.
Bilýänsiň, gündizler ýoluň gorasam,
Gijeler öýňüze gawuldym men…

Derýaň aýry kenarynda däldik biz,
Bir ädim galypdy saňa ýetmäge.
Ýöne welin meň gaýratym çatmandy,
Çatmandy şol bir ädimi ätmäge.

Gutulýançam ýaýdanjaňlyk derdinden,
Meni gijä galdyrypdyr bäsdeşim.
Toýa çagyrlypdym bir günem irden,
Duman örtüpdi meň töwerek-daşym.

Şonda-da barypdym…
Seniň toý günüň,
Meňem umytlarmyň jaýlanan güni.
Bolmasa-da gara gözleňde müýnüň,
Okapdym olaryň gizlin syryny.

Okapdym:
«Agzyňa mäkäm gulp urgun.
Ýaýdangyn» – gyjalat berýärdi olar.
Bu gün bolsa sypap gyzyň gulpagyn,
Dökyärsiň ýüregňi,
Açylýar syrlar.

Senem garaşypsyň men sol ädimme,
Bir söz eşitmegiň çekipsiň zaryn.
Goý, sen-ä saklanmyş gyzlyk haýasy,
Men erkek ahyryn,
Erkek ahyryn…

Gel, gowsy, geçeni geçdi bileli,
Menem bu zatlaryň unudup barysyn,
Şol birje ädimiň gurbany bolan
Ilkinji söýginiň tutaýyn ýasyn.
Senem gyzyň saçyn sypalap her dem,
Unut o günleri, wagt barka şindi.
Wepat bolan arzuwlara jan biýrden
Giç indi,
Giç indi,
Juda giç indi.

* * *

Bulaşdyrdym, hasabymy ýitirdim,
Bu gün baharmyka, gyşmyka ýa-da…
Ir bilen Gün dogdy,
Öýlän gar ýagdy,
Düşünemok, düşünemok hiç zada.

Säher bilen gülki meniň hemramdy,
Ýoldaşlarym «ýetdiň – diýdi myrada»
Öýlän maňlaýyma urdum golumy,
Düşünemok, düşünemok hiç zada.

Gün doganda, hoş habary getirdiň:
«Ýigit men seniňki, berýärin wada».

Gar ýaganda, gaýdyp aldyň sözüňi,
Düşünemok, düşünemok hiç zada.

Gör, nirlere alyp barýarka meni
Seniň bilen sataşdyran bu ýoda.
Gülki barmy,
hesret barmy öňmüzde,
Düşünemok, düşünemok hiç zada.

Italmaz NURYÝEW. Goşgular